# Berwick tokaýlygynda wideokamera düşen ruh

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Berwick tokaýlygynda wideokamera düşen ruh BERWICK TOKAÝLYGYNDA WIDEOKAMERA DÜŞEN RUH



Wideoýazgylara düşirilýän, fotosýomkalar, suratlaryň birenteginde göze ilýän ruhlaryň barlygy geçen asyrdan bäri hemmeleri haýrana goýýar. Gowşak ýüreklilere görmegi maslahat berilmeýän şol surat şekillerdir, wideoýazgylar geň-taňsy hadysalaryň biri hasap edilýär.
Amerikanyň Birleşen ştatlarynda Morgan Citynyň ýakynlarynda Berwick tokaýlygynda wideo ýazga düşürilen bu şekil hakda näme diýjeksiňiz!?
Şolar ýaly wideokamera ýazgysyna düşen ruhy barlyklar hakynda www.ntw.com.tr internet sahypasy habar berýär*.
2010-njy ýylyň 30-njy noýabrynda tokaýlykda berkidilen kamera ýazgysyndan kesilip alynan we 4 minut 39 sekunt dowam edýän bu iniňi tikeneklediji wideoýazga kel kelleli, agzy açyk, ýalaňaç adam şekilli bir mahluk it oýnuny görkezip gözden gaýyp bolýar.
Wideoýazga şeýle seredip otursaň bildirenok, bir zatlar galgap gidýär, emma kamerany doňduryp seredýäň welin iki gözi kameranyň yşygyna düşüp ýaldyrap duran, özem ýalaňaç hem gorkunç sypatly adam eýläk-beýläk bökjekleýär welin muňa ynanmak hem kyn düşýär. Dört minutlyk kamerada maska dakynan ýaly biri kamera seredip bir hili hereketler edýär, emma onuň çalt hereketleri adamyň hem başaryp biljek hereketleri däl

diýdirýär. Onuñ gözi kameranyñ yşygyna düşýär ýa-da gözleri parlaýar diýmeseñ onda kän bir gorkara zadyñ ýokdugyny aýdýanlar bar.
Bu wideony ýazga alan tokaý awçysy özüniñ kimligini tanatmazdan Wildgames Innovations saýtyna ýükledi. Kameradaky şeýle gorkunç hereketlere şok bolan awçy gorkuly wakalary başyndan geçirendigini, kamerany bolsa döwendigini, ýöne ýazga zeper ýetmezden ýazdyryp alandygyny aýdýar.
Internet ulanyjylaryñ käbirleri bu ýazgylaryñ ýalandan düşürilendigini ýa-da şondan birnäçe ýyl mundan ozal piýasiýa sürdürilen bir oýundan kesilip alynandygyny hasap edýärler.
*
https://www.ntv.com.tr/yasam/hortlaga-benzeyen-bu-yaratik-da-ne,JlTTMx5UFku5MbkinOSytA saýtyndan peýdalanyldy. Geň-taňsy wakalar